# EÝ ALLAM

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
EÝ ALLAM ***
Eý Allam bu durmuş şeýle bir süýji,
Şeýle bir ajaýyp ýaradan dünýäň,
Maňa özge zadyň ýetenok güýji,
Ýagşylykdan ýagşylyklarňa barýan.

Ýöne, ýoluň uzak ýaşap ýeterden,
Wagtyň eli ebşitläp dur ýakamy,
Bir zat sorap-gözleýänim hatardan,
Nirede-kä akyl-paýhas dükany.

Huzuryňda goýdum omrüm-baýlygym,
Gysylamok töläp gelýän tölegim,
Hiç zat alyp bilmän galmasam bolýa,
Ele meni içinde şol elegiň.

Süňňümi ýyladyp ýagmyrmy ýagdyr,
Paýhasyň tohumyn gögert serimde,
Bizem ile belli edipler galdyr,
Ýagşylaryň ýaşap ýören ýerinde. Goşgular